# MIRASGÄR

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
MIRASGÄR MIRASGÄR

Bu gelýän meniň agamdyr,
Türkmen ganly doganymdyr,
Arka tutunar dagymdyr,
Hormat-sylag goýanymdyr.

Ýüzüne baksam bakanda,
Gözleri mähriden doly,
Ajy söz bolmaz dahanda,
Egri ýol görkezmez goly.

Gürläberse göwnejaýdyr,
Syn bolar bilmez, bilene, Kisesinden kalby baýdyr,
Serde ýer bolmaz temene.

Goşa gulagyňdan girip,
Açar gara gözleriňi,
Bilýändir diňläbem durup,
Hak bolanda sözleriňi.

Ýedi onluk arkasynda,
Türkmeniň tüýs gülüdir ol,
Geçmiş-geljek darkaşynda,
Çyn taplanan welidir ol.

Ýaltanmazak, ýedi ölçän,
Bir gezek-de kesendir ol,
Diýip ýazanym MIRASGÄR,
Dogan Ümür Edendir ol. Goşgular